# Sumbar gözelligi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sumbar gözelligi SUMBAR GÖZELLIGI

Alyslardan alyp tämiz gözbaşy
Dury suwly Sumbar akýar dereden.
Düşäpdir ownukly-irili daşyn,
Daglar kenar bolup iki gyradan.

«Daşy ýaryp gaýnap çykan çeşmeler»,
Dereden ýol ýasap goşular derýa.
Zehin goýup çekilen deý keşdeler,
Böwürslen kenara gözellik berýä.

Deräñ ir-iýmişli belent baglary
Daglañ bili bilen boýnuny deñläp,
Tolkunlañ kenara uran çaglary,
Lezzet alýar derýañ mukamyn diñläp.

Şemala yransa baglaryñ başy,
Töwerek-daşyna ünjüli garap.
Käkilikler peýläp gaýany-daşy,
Saýrap suwa geler perini darap.

Asyrlañ şaýady gojaman daglar,
Gujagyna gysyp Sumbar derýany.
Goýnundaky gözellige guwanyp,
Belentlikden synlap otyr deräni.

Setdar ABDYÝEW. Goşgular